Bu, ortaça uzynlykdaky 20-den gowrak filmi bir sekuntda göçürip almak mümkinçiligine deňdir. Şeýle rekord Londonyň Uniwersitet kollejiniň alymlary tarapyndan multipliksirleme usuly ulanylyp, birnäçe signaly bir wagtda geçirmek arkaly goýuldy.

Häzirki 5G ulgamlary uly çärelerde we köp adamly ýerlerde, mysal üçin, konsertlerde ýa-da wokzallarda, çäklendirilen ýygylyk zolagy sebäpli kynçylyk çekýär.

Bu päsgelçiligi ýeňip geçmek üçin alymlar radiotolkunlary we ýagtylygy ulanyp, ýygylyk diapazonyny 5-den 150 GHz-e çenli giňeltdiler. Pes ýygylyklar üçin radiotolkunlary ýokary ýygylyklar üçin lazer tehnologiýalary bilen birleşdirmek rekord tizlige ýetmäge mümkinçilik berdi.

Täze tehnologiýa ulanyjylar üçin ajaýyp mümkinçilikleri üpjün edip biler — uly göwrümli maglumatlary geçirmekden başlap, ýokary ýükli ýerlerde durnukly aragatnaşygy saklamaga çenli.

Все права защищены